**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2025-nji ýylyň 29-njy iýulyndaky**
**№ 47-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ 2-demir “Demir ýol ulaglarynyň hereket edýän düzümi, olaryň tehniki ýagdaýy we ulanyşdaky demir ýollarynyň uzynlygy barada hasabat” (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

№ 2-demir “Demir ýol ulaglarynyň hereket edýän düzümi, olaryň tehniki ýagdaýy we ulanyşdaky demir ýollarynyň uzynlygy barada hasabat” (çärýeklik) döwlet statistik hasabatlylygyň formasy boýunça Türkmenistanyň Demir ýol ulaglary ministrligi düzýär. Hasabat formanyň salgy böleginde görkezilen salga we bellenen möhletde tabşyrylýar.

Demir ýol kärhanasyna degişli ähli demir ýol ulag serişdeleri bejerilýän ýa-da bejerilmegine garaşylýan, işleýän ýa-da işlemeýän ýagdaýda ulag toplumynda saklanylýan ulag serişdelerini goşmak bilen hasaba alynmaga degişlidir,.

Demir ýol ulag serişdelerine diňe relsler boýunça hereket edýän düzüm degişli. Çekiji ulag serişdelerine (lokomotiwler) we tirkeg çekiji ulag serişdelerine (ýolagçy wagonlary, ýük we haryt wagonlary) bölünýär.

## 1BÖLÜM.

## BAR BOLAN DEMIR ÝOL ULAGLARYNYŇ HEREKET EDÝÄN DÜZÜMI WE TEHNIKI ÝAGDAÝY

1-nji bölümde bar bolan demir ýol ulaglarynyň hereket edýän düzüminiň görnüşleri boýunça 01-21-nji setirlerde kärhananyň balansynda duran bar bolan demir ýol ulaglarynyň hereket edýän düzümi görkezilýär. 1-nji sütünde hasabat döwrüniň başyna demir ýol ulaglarynyň hereket edýän düzümi görkezilýär.

Şondan bar bolan demir ýol ulaglarynyň hereket edýän düzüminiň tehniki taýdan guratlary 2-nji sütünde aýratyn görkezilýär.

3-nji sütünde görnüşleriniň bölünişi boýunça, demir ýol ulaglarynyň hereket edýän düzüminiň hasabat döwrüniň başyndan geleni görkezilýär.

4-nji sütünde Hasabat ýylynyň başyndan balansdan balansa geçirilen ulanylan otlyny düzýän wagonlaryň jemi geleni, birlik

5-nji sütünde demir ýol ulaglarynyň hereket edýän düzüminiň kämilleşdirilen görnüşleri görkezilýär (ýapyk wagon refrežiratordan wagonlara öwrülenleri).

6-njy sütünde görnüşiniň bölünişi boýunça, demir ýol ulaglarynyň hereket edýän düzüminiň hasabat döwrüniň başyndan ulanyşdan çykarylany görkezilýär.

7-nji sütünde hasabat döwruniň ahyryna demir ýol ulaglarynyň hereket edýän düzümi görkezilýär.

Şolardan 8-nji sütünde bar bolan demir ýol ulaglarynyň hereket edýän düzüminiň tehniki taýdan guratlary görkezilýär.

9-njy sütünde görkezilýär ýolagçy gatnadýan wagonyň ýolagçy sygymlylygy, oturylýan we ýatylýan ýerleriň sany görkezilýär.

10-njy sütünde ýük wagonynyň ortaça ýük göterijiligi görkezilýär.

## 2 BÖLÜM.

## DEMIR ÝOL ULAGLARYNYŇ HEREKET EDÝÄN DÜZÜMININ TAÝÝARLAÝJY ZAWOTDAN GOÝBERILEN PURSATYNDAN ULANYŞ MÖHLETI BOÝUNÇA BAR BOLANY

01-nji setirde teplowozlardan ybarat bolan ähli lokomotiwler taýýarlaýjy zawod tarapyndan goýberilen pursatyndan ulanyş möhleti boýunça bölünip görkezilýär. Lokomotiw bu – demir ýol ulag serişdelerini çekmek üçin niýetlenilýän demir ýol ulag serişdesi. Teplowoz bu - geçirişiň görnüşine garamazdan, dizel hereketlendirijisi bilen enjamlaşdyrylan lokomotiw.

03-13-nji setirlerde bar bolan ýük wagonlary görnüşleri boýunça taýýarlaýjy zawod tarapyndan goýberlen pursatyndan ulanyş möhleti boýunça bölünip görkezilýär. Ýapyk wagon – bu daşalýan ýüküň howpsuzlygyny üpjün edýän ýapyk gurnawy bilen häsiýetlendirilýän wagon. Açyk wagon – üçeksiz we bortsuz wagon, borty 60 sm beýik bolmadyk üçeksiz wagon. Ýarym wagon – bu açylmaýan borty 60 sm beýik bolmadyk üçeksiz, adaty ýa-da ýöriteleşdirilen wagon. Beýleki wagonlara islendik wagonlar, hususan-da suwuk maddalary, gazlary, şeýle hem poroşok görnüşli ýükleri daşamak üçin ýöriteleşdirilen wagonlar degişli.

14-20-nji setirlerde ýolagçy wagonlary görnüşleri boýunça taýýarlaýjy zawod tarapyndan goýberilen pursatyndan ulanyş möhleti boýunça bölünip görkezilýär. Ýolagçy wagonlarynyň toplumyny hasaba almak gatnawlaryň görnüşleri boýunça bölmek bilen, fiziki birliklerde ýöredilýär: ýolagçylary we el goşlaryny gatnatmak üçin, poçta gatnatmak üçin, goşlary we ýük goşlary daşamak üçin, gaýrylar (restoranlar, laboratoriýalar, gulluk we ş.m.). ýolagçy ulag serişdeleriniň sygymlylygy – oturylýan we ýatylýan orunlaryň sany. Enjama baglylykda ýolagçy gatnatmak üçin niýetlenilen wagonlar ýumşak we gaty küpe wagonlara bölünýär. Umumy wagonlar – oturmak üçin gaty orunly, umumy elektrik yşyklandyryşy bilen, howany şemalladyjy ulgam bilen, umumy radio nokady, hajathanalar, ýyly we sowuk agyz suwy saklanýan gap bilen enjamlaşdyrylan, penjirelerinde tutulary, çaý üçin degişli zatlar we gap-gaçlar bolan wagon. Plaskart wagonlar ýatmak üçin gaty orunly, umumy elektrik yşyklandyryşy bilen, howany şemalladyjy ulgam bilen, umumy radio nokady, hajathanalar, ýyly we sowuk agyz suwy saklanýan gap bilen enjamlaşdyrylan wagon. Iki orunly kupe – wagonlar – pes ýerleşdirilen ýumşak diwanlary, oturmak üçin ýumşak kürsüleri bolan 2 orunly wagonlar. Kupede umumy we aýratyn elektrik yşyklandyryşy bilen, şemalladyjy we howany sowadyjy ulgam bilen, hajathanalar, ýyly we sowuk agyz suwy saklanýan gap bilen, aýratyn radio nokady, wideo we teleapparatura bilen, ugradyjyny çagyrmak üçin düwme bilen enjamlaşdyrylan wagon. Dört orunly kupe wagonlar – ýatmak üçin gaty ýerli dört orunly wagon - umumy we aýratyn elektrik yşyklandyryşy bilen, şemalladyjy we howany sowadyjy ulgam bilen, hajathanalar, ýyly we sowuk agyz suwy saklanýan gap bilen enjamlaşdyrylan wagon. Wagon restoranlar – ýolda ýolagçylary gyzgyn nahar bilen üpjün etmek üçin niýetlenen demir ýol wagony, ýolagçy otlularyň düzümine girýär.

21-nji setirde bar bolan ýük wagonlary boýunça taýýarlaýjy zawod tarapyndan goýberilen pursatyndan ulanyş möhleti boýunça bölüp görkezilýär. El goşlary üçin wagon – hereketlendirijisi bolmadyk, ýolagçy we ýük otlularynyň düzümine girýän demir ýol ulag serişdesi. Demir ýol kärhanasyna degişli bolan ýük wagonlary, eger olarda ýolagçylar üçin kupe ýok bolsa, el goşlary üçin wagonlar hasap edilýär.

## 3 BÖLÜM.

## WELAÝATLAR BOÝUNÇA DEMIR ÝOLLARYŇ ULANYŞ UZYNLYGY

Welaýatlar boýunça bölmek bilen, demir ýollarynyň ulanyş uzynlygy görkezilýär. Demir ýol – bu otlularyň hereket etmegini üpjün edýän tehniki gurluşlaryň we desgalaryň jemi. Demir ýollar stansiýalar bilen bilelikde demir ýollaryň ulgamyny döredýär. A sütünde her bir welaýata girýän ýollaryň we uçastoklaryň ady görkezilýär. 1-nji sütünde her bir welaýata degişli ýollaryň we demir ýol bölekleriniň umumy ulanyş uzynlygy görkezilýär.

Demir ýollaryň ulanyş uzynlygy – bu aýratyn demir ýollaryň ulanyş uzynlygynyň jemi, demir ýolunyň ulanyş uzynlygy diýip stansiýalaryň arasyndaky aralyk hasaplanylýar, ol esasy demir ýoluň oky boýunça, köp hatarly ýollarda bolsa esasy ýoluň iň gysgasy boýunça ölçenilýär. Esasy ýol ähli dowamlylykda ýoluň üznüksizligini üpjün edýän stansiýalaryň weýerleriň arasynda otlularyň hereket etmegi üçin niýetlenilen demir ýol.

Demir ýol – ugry üýtgediji zolakda ýerleşen ugrukdyryjy rels koleýasy bolan demir ýoly emele getirýän liniýalaýyn we gönükdirilen inžener desgalarynyň we gurluşlarynyň toplumy. Ýollaryň sany boýunça ýollary we bölekleri paýlamagyň görkezijileri 2, 3, 4 sütünlerde görkezilýär.

## 4 BÖLÜM.

## HEREKET EDÝÄN DÜZÜMIŇ ULANYLYŞYNYŇ ESASY GÖRKEZIJILERI

01-nji setirde wagon dolanyşygy, ýagny wagona bir ýük ýüklenendäkiden oňa indiki ýük ýüklenendäkä çenli geçen wagt görkezilýär we ol işçi toplumdaky wagon-gije-gündiziň sanyny ýük ýüklenen wagonlaryň sanyna bölmek bilen kesgitlenilýär.

02-nji setirde wagona düşýän statiki agram, bu wagona ýüklenen ýüküň basyş güýjiniň agramy, tonnada görkezilýär.

03-nji setirde ýük wagonlarynyň işçi toplumy görkezilýär we ýük wagonlarynyň toplumynyň bar sany, paýlanylyşy we ýagdaýy baradaky edara hasabatyndan doldurylýar.

04-nji setirde ýükleri düşürilen wagonlaryň sany kesgitlenilýär. Onuň möçberi ýükleri düşürilen wagonlaryň hem-de ýükleri düşürilmek üçin duran wagonlar baradaky hasabatlaryň esasynda doldurylýar.

05-nji setirde bir ýük işinde wagonyň işsiz duran wagty, ýagny ýük ýüklenilende (düşürilende) wagonyň näçe wagt durandygy görkezilýär.

06-njy setirde ulanylan brutto tonna-kilometrini lokomotiwleriň ortaça gije-gündizlik toplumyna bölmek ýoly bilen kesgitlenilýän lokomotiwiň öndürijiligi görkezilýär.

07-nji setirde otlynyň ortaça agramy, ýagny otly bilen ortaça daşalan ýüküň tonna sany görkezilýär.

08-nji we 9-njy setirlerde ýük we ýolagçy otlularynyň gatnaw yzygiderliligi görkezilýär we olar otlularyň hereketiniň tertibi ýerine ýetirilişi baradaky edara hasabatynyň we bu görkezijiler boýunça ilkinji hasaba alyş resminamalarynyň maglumatlarynyň esasynda doldurylýar.

**Söwdanyň, ulagyň we aragatnaşygyň statistikasy müdirligi**